THE ASHGABAT TIMES

# «Türkmenhowaýollary» Saud Arabystany Patyşalygyna ýolagçy howa gatnawlarynyň sanyny artdyrýar

«Türkmenhowaýollary» agentligi 2024-nji ýylyň awgust aýyndan başlap, Saud Arabystany Patyşalygynyň Jidda şäherine hepdede 2 gezek yzygiderli ýolagçy howa gatnawlaryny ýola goýulmagy meýilleşdirýär.

Agentligiň 2024-nji ýylyň 26-njy iýunynda beren habaryna görä, bu çözgüt müşderileriň isleginiň artýandygy nazara alnyp, amala aşyrylýan halkara gatnawlaryň uçuş geografiýasyny giňeltmek we üstaşyr ýolagçy akymyny artdyrmak maksady bilen kabul edildi.

Habarda bellenilişi ýaly, Jidda şäherine ýolagçy howa gatnawlary hepdäniň çarşenbe we anna günleri ýerine ýetiriler.

«Türkmenhowaýollary» agentligi tarapyndan häzirki wagtda reje boýunça ýerine ýetirilýän ýolagçy halkara gatnawlaryna islegler yzygiderli artýar.

Все права защищены

21.11.2024